# BANK HABARLARY
## БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК




№9/2020



Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna
### на 1 октября 2020 года

Aşgabat 2020

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ

«SÜÝŞÜRINTGILER OÝNY» ATLY OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
ПРОВЕДЕНЫ СЕМИНАРЫ ПО ТЕМЕ «ИГРА СБЕРЕЖЕНИЯ»
3

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

DÖWLETLI MASLAHAT - BEÝIK BAŞLANGYÇLARA BADALGA
ВСЕНАРОДНЫЙ СОВЕТ - СТАРТ ВЕЛИКИМ НАЧИНАНИЯМ
4

WALÝUTA BAZARYNYŇ AÝRATYNLYKLARY
ОСОБЕННОСТИ ВАЛЮТНОГО РЫНКА
8

AUDIT - YKDYSADY SUBÝEKTLERIŇ MALIÝE NETIJELILIGINI BARLAMAGYŇ KÄMIL GURALYDYR
АУДИТ - ДЕЙСТВЕННЫЙ ИНСТРУМЕНТ В ПРОВЕРКЕ ФИНАНСОВОЙ РЕЗУЛЬТАТИВНОСТИ ЭКОНОМИЧЕСКИХ СУБЬЕКТОВ
11

KIÇI WE ORTA TELEKEÇILIGI KARZLAŞDYRMAGYŇ MÜMKINÇILIKLERI
ВОЗМОЖНОСТИ КРЕДИТОВАНИЯ МАЛОГО И СРЕДНЕГО ПРЕДПРИНИМАТЕЛЬСТВА
15

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ GELJEGI
ПЕРСПЕКТИВЫ ДЕНЕЖНО-КРЕДИТНОЙ ПОЛИТИКИ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
19

BANK HYZMATLARYNYŇ SANLYLAŞDYRYLMAGY
ЦИФРОВИЗАЦИЯ БАНКОВСКИХ УСЛУГ
24

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
26

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
28

## «SÜÝŞÜRINTGILER OÝNY» ATLY OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

Türkmenistanyň Merkezi banky we Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Süýşürintgiler kassalarynyň halkara hyzmatdaşlyk boýunça gaznasy bilen bilelikde alnyp barylýan okuw taslamasynyň çäklerinde, 2020-nji ýylyň 16-njy, 23-nji hem-de 30-njy sentýabrynda Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynda bank ulgamynyň degişli hünärmenleri tarapyndan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyplary üçin «Süýşürintgiler oýny» atly okuw maslahatlary geçirildi.

Geçirilen okuw maslahatlarynda talyplara süýşürintgi hem-de pul serişdelerini tygşytlamagyň ähmiýeti, girdejileriň we çykdajylaryň meýilleşdirilmegi, düşewüntlilik we likwidlilik, karzlaryň görnüşleri we bahalandyrylyşy, karz boýunça göterim derejeleri, karzy gaýtarmak ukyplylygynyň kesgitlenilmegi ýaly ugurlarda tejribe oýunlarynyň üsti bilen giňişleýin maglumat berildi.

Okuw maslahatlary talyplaryň gyzyklanýan soraglaryna berlen jogaplar bilen jemlendi.

TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi

## Проведены семинары по теме «Игра сбережения»

16, 23 и 30 сентября 2020 года в рамках совместного учебного проекта осуществляемого Центральным банком Туркменистана и Фондом Сберегательных касс по международному сотрудничеству Федеративной Республики Германия были проведены семинары в Государственном банке развития Туркменистана по теме «Игра сбережения» для студентов Специализированной банковской школы имени Героя Туркменистана А.Ниязова Центрального банка Туркменистана.

На семинарах через практические игры были рассмотрены такие темы, как сбережение и значение сбережений денежных средств, планирование доходов и расходов, прибыльность и ликвидность, стоимость и виды кредитов, процентные ставки кредитов, а также определение кредитоспособности.

Семинары завершились ответами на интересующие преподавателей и студентов вопросы.

Научно-производственной совет ЦБТ

# DÖWLETLI MASLAHAT - BEÝIK BAŞLANGYÇLARA BADALGA

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda «Türkmenistan - Bitaraplygyň mekany» ýylynyň her bir güni halkymyzyň aňynda ebedilik galjak şanly wakalara, toý-baýramlara beslenmek bilen taryhymyzyň gatlaryna altyn harplar bilen ýazylýar.

2020-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda üstünlikli geçirilen Türkmenistanyň Halk maslahatynyň nobatdaky mejlisinde, Garaşsyzlygymyzyň 29 ýyllyk baýramy bu şanly wakalaryň üstüni ýetirmek bilen, bu maslahatda halkymyzyň ýagty geljegine röwşen çaýjak, ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da belende göterjek birnäçe möhüm çözgütler kabul edildi.

Milli Liderimiz Türkmenistanyň Halk maslahatynda eden taryhy çykyşynda ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek meselesine hem aýratyn üns berdi. Milli ykdysadyýetimiziň önümçiligi nazarlaýan ugurlaryna gönükdirilýän karzlaryň möçberini artdyrmaklyga, ilat üçin karz serişdeleriniň möçberini artdyrmaklyga, kiçi önümçilikleri ösdürmeklige, bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaklyga, karz göterimleriniň elýeterli bolmagyna, bank goýumlaryny kepillendirmek boýunça çärelere aýratyn ünsi çekdi.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly ajaýyp eserinde «Banklar ykdysadyýetiň dürli pudaklaryny karz çeşmeleri bilen üpjün etmekde esasy wezipäni ýerine ýetirýärler» diýip belleýşi ýaly, kabul edilen döwlet maksatnamalarynyň ählisinde karz bazaryny giňeltmek, kämilleşdirmek bank ulgamynyň öňünde esasy wezipe edilip

# Всенародный совет - старт великим начинаниям

Под мудрым руководством уважаемого Президента каждый день года «Туркменистан – родина Нейтралитета» золотыми буквами вписан в страницы нашей истории, знаменуя славные события и торжества, которые навсегда останутся в сознании нашего народа.

Очередное заседание Халк маслахаты Туркменистана 25 сентября 2020 года, празднование 29-ой годовщины Независимости, дополнили эти важные события, а ряд важных решений, принятых на этом заседании, призваны озарить светлое будущее нашего народа и еще больше укрепить международный авторитет нашей страны.

В своем историческом выступлении в Халк Маслахаты Туркменистана Лидер нации уделил первостепенное внимание вопросам совершенствования банковской системы страны. Глава государства обратил особое внимание на вопросы расширения объемов кредитования отраслей национальной экономики, ориентированных на производственные задачи, увеличения суммы кредитных средств, предназначенных для населения, развития малых производств, повышения качества банковских услуг, снижения процентных ставок по кредитам, гарантий по банковским вкладам.

Как Уважаемый Президент отметил в своем прекрасном произведении «Туркменистан на пути достижения Целей устойчивого развития»: «Банки выполняют ключевую функцию в обеспечении различных отраслей экономики кредитными ресурса-

goýulýar. Şonuň üçin ýurdumyzyň täjirçilik banklary tarapyndan ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary zerur karz serişdeleri bilen yzygiderli üpjün edilýär.

Soňky ýyllarda bütin dünýäde kiçi we orta telekeçilige ýokary derejeli ösüş mahsusdyr we bu ulgamyň ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşine edýän oňyn täsirleri barha güýçlenýär. Ýurtda ulgamyň ösüşini çaltlandyrmak, jemi içerki önümiň düzüminde paýyny artdyrmak maksady bilen hormatly Prezidentimiz tarapyndan hususyýetçilere yzygiderli uly döwlet goldawy berilýär. Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hormatly Prezidentimiziň «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakyndaky» Kararyna laýyklykda maýa goýum taslamalaryna 10 ýyla çenli, dolanşyk serişdelerine 1 ýyla çenli möhlete ýyllyk 5% bilen ýeňillikli karzlar berilýär. Galyberse-de, oba hojalyk önüm öndürijilerimize buldozerleri, ekskowatorlary, suw tygşytlaýjy enjamlary satyn almak üçin 10 ýyla çenli, ýyllyk 1% esasynda ýeňillikli karzlar berilýär.

Raýatlarymyzyň sarp ediş isleglerini, şol sanda wagtlaýyn maliýe serişdelerine zerurlygy kanagatlandyrmak üçin olar täjirçilik banklar tarapyndan sarp ediş maksatly hem-de owerdraft karzlary bilen üpjün edilip gelinýär. Owerdraft karzy bank hyzmatlarynyň täze görnüşi bolup, ol gysga möhletli häsiýete eýedir. Nagt däl hasaplaşyklar geçirilende bank kart hasabyndaky pul serişdeleri ýeterlik bolmadyk halatynda raýat owerdraft karzyny resmileşdirmek bilen zähmet hakynyň 40%-ne çenli goşmaça pul serişdesine eýe bolmak mümkinçiligini alýar. Karza laýyklykda raýatyň degişli bank kart hasabyna zähmet haky geçende awtomatik usulda karz we oňa hasaplanan göterim tutulyp alynýar. Hut şonuň üçin-de, gysga möhlet üçin karz alyjynyň degişli banka töleýän göterimi hem ujypsyz möçberde bolýar. Şeýle hem, raýatlarymyz owerdraft karzyny 6 aý möhlete şertnama baglaşmak arkaly şertnamanyň dowam edýän döwründe karzdan birnäçe

ми», основной задачей, определенной во всех принятых государственных программах для банковской системы, является расширение и совершенствование кредитного рынка. Именно поэтому коммерческие банки нашей страны регулярно обеспечивают все отрасли экономики необходимыми кредитными ресурсами.

В последние годы во всем мире наблюдается высокий рост малого и среднего бизнеса, и все более усиливается положительное влияние этого сектора на социально-экономическое развитие стран. В целях ускоренного развития этого сектора и увеличения ее доли в ВВП страны Уважаемый Президент регулярно оказывает огромную государственную поддержку частному сектору. В соответствии с Постановлением Президента Туркменистана «О государственной поддержке малого и среднего предпринимательства» коммерческие банки предоставляют кредиты на льготных условиях для инвестиционных проектов на срок до 10 лет и на период до 1 года для оборотных средств по ставке 5% годовых. Более того, нашим сельхоз производителям предоставляются льготные кредиты на срок до 10 лет под 1% годовых на приобретение бульдозеров, экскаваторов и водосберегающего оборудования.

Для удовлетворения потребительского спроса наших граждан, а также их временных потребностей в финансовых средствах, коммерческие банки предоставляют им кредиты для потребительских целей и овердрафт кредиты. Являясь новым видом банковских услуг, овердрафт кредит носит краткосрочный характер. Если у гражданина на определенный момент недостаточно денежных средств для удовлетворения растущего спроса, у него есть возможность получить дополнительные финансовые средства в размере до 40% заработной платы из банка, в который перечисляется его заработная плата, оформив данный кредит. Данная ссуда автоматически вычитается

gezek peýdalanyp bilýär.

Hormatly Prezidentimiziň goldaw bermeginde raýatlarymyzyň öz mellek ýerlerinde ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanmagy üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Kiçi göwrümli karzlar melleginde ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek maksady bilen oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin esasy we dolanyşyk serişdelerini edinmek isleýän taraplara nagt däl görnüşde 6 aý ýeňillikli döwür bilen 3 ýyl möhlete, ýyllyk 10 göterim bilen 30 000 manada çenli berilýär.

Döredilýän ýeňillikler ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanjak maşgalalara öz işini doly we bökdençsiz ýola goýmagyna mümkinçilik döredýär. Şeýle işleriň bank tarapyndan karzlaşdyrylmagy, hojalyklaryň goşmaça girdeji almagyna, ösen isleglerini doly kanagatlandyrmaklaryna şert döredip, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has hem gowulanmagyna, jemi içerki önümiň möçberiniň artmagyna goşant goşmagyna ýardam edýär.

«Meniň ilkinji nobatda ähli aladam halkym bolar» diýip belleýän Gahryman Arkadagymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda gözel paýtagtymyzdan başlap ähli welaýatlarda, şäherlerde, etraplarda, obalarda has oňaýly we döwrebap, giň hem ýagty otagly ýaşaýyş jaýlary gurlup halkymyza ulanmaga berilýär. Häzir ýurdumyzyň çäginde islendik welaýata, oba baryp göreniňde, milli Liderimiziň parasatly baştutanlygynda gurulýan döwrebap obalary, ýaşaýyş jaýlary görmek bolýar. Bu elbet-de, döwletlilikden nyşan, halkymyzyň uly alada bilen gurşalyp alynanlygyndan nyşan. Gurulýan häzirki zaman ýaşaýyş jaýlarynda ýaşamaklary üçin, täjirçilik banklar tarapyndan raýatlarymyza ipoteka karzlary hödürlenilýär. Karzlar ýyllyk 1% göterimli 5 ýyllyk ýeňillikli döwri bilen 30 ýyla çenli möhlete berilýär. Ipoteka karzynyň göterim derejesi ýurdumyzda örän pes bolup, bu ugurda Türkmenistan dünýäde iň öňdebaryjy döwletleriniň hatarynda diýsek

соответствующим банком из следующей заработной платы гражданина. Поэтому размер процентной ставки, выплачиваемый банку получателем краткосрочного кредита, является незначительным. Наши граждане также имеют возможность воспользоваться овердрафт кредитом несколько раз, заключив кредитное соглашение сроком на 6 месяцев.

При поддержке уважаемого Президента создаются прекрасные условия для того, чтобы наши граждане могли заниматься сельскохозяйственной и животноводческой деятельностью на своих частных участках для удовлетворения растущих потребностей.

Тем, кто хочет приобрести основной и оборотный капитал для производства сельскохозяйственной продукции для развития сельского хозяйства и животноводства, микрокредиты выдаются в безналичной форме сроком на 3 года с льготным периодом 6 месяцев, с годовой процентной ставкой 10% в размере до 30 тысяч манат.

Созданные льготы позволяют семьям, полностью и беспрепятственно наладить работу по сельскохозяйственной и животноводческой деятельности. Кредитование банком таких видов деятельности способствует повышению благосостояния нашего народа и их вклада в увеличение ВВП, создавая условия для получения хозяйствами дополнительных доходов, также полного удовлетворения их растущих потребностей.

Под руководством Героя-Аркадага, который отмечает, «Моей первоочередной заботой будет мой народ», современные жилые дома улучшенной планировки со всеми удобствами, просторными и светлыми комнатами строятся для народа, как в нашей прекрасной столице, так и во всех областях, городах, районах и селах. Теперь, посетив любую область, селов пределах нашей страны, можно увидет современные

dogry bolar. Bu işleriň ählisiniň esasynda bolsa, elbet-de, Hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary dur.

Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde bank ulgamynyň öňünde goýan wezipeleri, ýerine ýetirmeli işleri ulgamda alnyp barylýan özgertmeleriň has-da kämilleşdirilmegine, çaltlandyrylmagyna, sanly ulgam bilen utgaşdyryp alnyp barylmagyna ýakyndan ýardam eder.

Halkymyzy eşretli, bolelin döwürde ýaşadýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun. Dünýä ähmiýetli beýik tutumlary taryhyň gatlaryna altyn harplar bilen ýazyljak «Türkmenistan-Bitaraplygyň mekany» ýylynda hem diňe üstünliklere beslensin.

**Begmyrat KAKALYÝEW,**
Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik bankynyň
Maliýe monitoring bölüminiň müdiriniň wezipesini
ýerine ýetiriji

**Çemen KAKALYÝEWA,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy

поселки и жилые дома, построенные под руководством Лидера нации. Это, конечно же, является признаком благосостояния и того, что наш народ окружен большой заботой. Коммерческие банки предлагают нашим гражданам ипотечные кредиты для приобретения жилья в строящихся современных домах. Такие кредиты выдаются на срок до 30 лет с процентной ставкой 1% годовых и 5-летним льготным периодом. Процентная ставка по ипотечным кредитам в нашей стране очень низкая, что позволяет с уверенностью сказать, что Туркменистан - один из передовых стран мира в этом направлении. На основе всей этой деятельностью, лежит лозунг нашего Уважаемого Президента «Государство - для человека!».

Задачи, поставленные Героем-Аркадагом перед банковской системой на очередном заседании Халк Маслахаты Туркменистана, будут напрямую способствовать дальнейшему ускорению проводимых преобразовательных реформ, осуществлению запланированных мероприятий в совокупности с внедрением цифровой системы.

Желаем крепкого здоровья и долгих лет жизни уважаемому Президенту, создающему условия для процветания и счастливой жизни нашего народа. Пусть удача неизменно венчает великие начинания Уважаемого Президента в год «Туркменистан – родина Нейтралитета», который будет вписан золотыми буквами в страницы истории.

**Бегмурад КАКАЛИЕВ,**
и.о. начальника отдела Финансового мониторинга
Туркмено-турецкого акционерного
коммерческого банка

**Чемен КАКАЛИЕВА,**
преподаватель Туркменского
государственного финансового института

# WALÝUTA BAZARYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

Häzirki wagtda ýurdumyzda pul bazarynyň wezipesini ýerine ýetirmekde Türkmenistanyň Bankara pul biržasy möhüm orny eýeleýär. «Türkmenistanyň Bankara pul biržasy» hakynda düzgünnama laýyklykda, Türkmenistanyň Bankara pul biržasynyň esasy maksatlary ýurtda pul bazaryny tapgyrma-tapgyr ösdürmek, milli puluň we daşary ýurt pulunyň hümmetini bazar şertlerinde kesgitlemegiň netijeli usulyny emele getirmek bolup durýar.

Dünýäde hereket edýän walýuta biržalary walýuta bazaryny emele getirýär. Pul biržasy – bu daşary ýurt puluny alyp satmak, şeýle-de pul maýa goýumyny inwestirlemek boýunça amallary amala aşyrýan ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy bolup durýar. Pul biržasy söwdalary gurnamak we geçirmek boýunça hyzmatlary hödürleýän we munuň barşynda gatnaşyjylary daşary ýurt puly bilen geleşik baglaşýan pul bazarynyň infrastrukturasynyň bölegi bolup, onda talabyň we hödüriň täsiriniň netijesinde milli walýutalaryň kurs gatnaşygy (kotirowka) esasynda erkin alnyp-satylmagy durmuşa geçirilýär.

Walýuta amallary, adatça walýuta konwersion geleşiklerine – bir agza tarapyndan ylalaşylan walýuta senesinde üpjün edilmeli bir walýutadaky serişdeleriň ylalaşylan mukdaryny beýleki walýutanyň hasabyna satyn almak geleşiklerine diýilýär. Walýuta senesi – alyjynyň hasabyna serişdeleriň geçirilýän günini aňladýar.

Pul biržasyndaky kotirowka çalşylýan walýutalaryň satyn alyş ukyplylygyna bagly bolup, emitent döwletleriň ykdysady ýagdaýy bilen kesgitlenýär. Pul biržasyndaky amallar walýutalaryň konwertirlenmek ukybyna, ýagny, bir ýurduň beýleki ýurtlaryň pul birliklerine we halkara de-

# Особенности валютного рынка

В нашей стране роль денежного рынка выполняет межбанковская денежная биржа Туркменистана. Согласно положении «О Межбанковской денежной бирже Туркменистана», главной её целю является поэтапное развитии денежного рынка, формирование эффективного метода определения курсов национальной и иностранной валюты в рыночных условиях страны.

В мире валютные биржи организуют биржевой валютный рынок. Валютный рынок - это система экономических отношений, представляющая собой осуществление операций по купле-продаже иностранной валюты, а также операций по инвестированию валютного капитала. Валютная биржа - это элемент инфраструктуры валютного рынка, чья деятельность состоит в предоставлении услуг по организации и проведению торгов и где осуществляется свободная купля-продажа национальных валют исходя из курсового соотношения между ними (котировки), складывающегося на рынке под воздействием спроса и предложения.

Валютными операциями обычно называют конверсионные сделки с валютой – сделки покупки одной стороной согласованной суммы средств в одной валюте за согласованную сумму средств в другой валюте, подлежащих поставке в согласованную дату валютирования. Дата валютирования – дата зачисления средств на счет получателя.

Операции на валютных биржах основаны на конвертируемости валют, обменивае-

rejede ykrar edilen töleg serişdelerine çalyşmak mümkinçiligine esaslanýar. Bular erkin konwertirlenýän, bölekleýin konwertirlenýän we konwertirlenmeýän pul birlikleri görnüşinde tapawutlandyrylýar. Erkin konwertirlenýän pul birliklerinde walýuta amallaryň hemme görnüşlerine päsgelçiliksiz daşary ýurt ekwiwalentine çalyşmak mümkinçiligi bolup, olar gorluk walýutalaryň wezipesini ýerine ýetirip bilýärler (ABŞ dollary, ýapon ýenasy, şweýsar franky, iňlis funt sterlingi we başgalar). Bölekleýin konwertirlenýän walýutada ýurduň içinde we daşary ýurtda belli walýuta amallaryna çäklendirmeler bolýar. Konwertirlenmeýän walýutalaryň bolsa beýleki walýutalara çalyşmak boýunça çäklendirmeleri bolýar. Milli puluň konwertirlenmek ukyby döwlet tarapyndan kadalaşdyryjy hukuknamalarynyň esasynda kesgitlenýär. Halkara pul gaznasynyň agzasy bolan ýurtlar bolsa konwertirleme düzgünini gazna bilen ylalaşyp kesgitläp bilýär.

Pul biržasynyň gönimel wezipesi daşary ýurt walýutasynyň hümmetini kesgitlemek bolup durýar. Biržada söwdanyň barşynda milli pul birliginiň hümmeti bellenilýär. Bu ýerde daşary ykdysady işiniň netijesinde alnan daşary ýurt walýutasynda serişdeleri bolan ýa-da tersine hojalyk işinde daşary ýurt walýutasy zerur bolup, özbaşdak çeşmesi bolmadyk şahslaryň bähbidine geleşikler baglaşylýar. Harytlaryň, hyzmatlaryň we intellektual işiň importy we eksporty boýunça geleşikler milli pul birliginiň hümmetini kesgitlemegiň esasy bolup durýar. Şeýlelikde, pul biržasynyň esasy maksady ýokary peýda gazanmak däl-de erkin duran, ýagny wagtlaýyn ulanylmaýan pul serişdelerini bazar usullary bilen ykdysadyýetiň bir pudagyndan beýleki pudagyna kesgitlenen we kanunalaýyk şertlerde ýerlemek bolup durýar.

Mundan başga-da biržanyň esasy wezipeleriniň hatarynda söwdanyň maddy-tehniki üpjünçiligini amala aşyrmak, biržanyň agzalaryny birža tarapyndan bellenen şertlere laýyklykda we olaryň maliýe ýagdaýyny we iş-abraýyny göz öňünde tutmak bilen saýlamak, birža geleşiklerini baglaşmagyň we ýerine ýetirmegiň düzgünlerini işläp düzmek, şol bellenen düzgünleriň

мых на них. Конвертируемость валюты - это возможность обмена денежных единиц одной страны на валюту других стран и на международно-признанные платежные средства. Различают свободно конвертируемые, частично конвертируемые и неконвертируемые валюты. Свободно конвертируемые валюты могут быть без каких-либо ограничений обменены на иностранные денежные эквиваленты во всех видах операций; они могут выполнять функции резервных валют (доллар США, японская иена, швейцарский франк, английский фунт стерлингов и др.). Частично конвертируемые валюты - это валюты стран, сохраняющих ограничения на некоторые валютные операции в стране и за рубежом. У неконвертируемых валют ограничения на операции по ее обмену на другие валюты. Режим конвертируемости национальной валюты определяется законодательством и устанавливается государством. Страны-члены Международного валютного фонда, могут изменять режим конвертируемости национальной валюты только по согласованию с Фондом.

Прямое назначение валютных бирж - определять валютный курс, который представляет собой стоимость иностранной валюты. На бирже как организованном рынке в ходе торгов устанавливается стоимость национальной денежной единицы. Здесь же совершаются сделки в интересах лиц, располагающих средствами в иностранной валюте, полученными от внешнеэкономической деятельности и по иным основаниям, и лиц, которым, напротив, необходима иностранная валюта для их хозяйственной деятельности, но они не располагают самостоятельными источниками ее поступления. Сделки по экспорту и импорту товаров, услуг и результатов интеллектуальной деятельности составляют основу определения стоимости национальной денежной единицы. Таким образом, основная задача валютной биржи состоит не в получении высокой прибыли, а в мобилизации временно свободных

we kanunyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, sanksiýalary bellemek we öňüni alyş çärelerini ulanmak (söwdany togtatmak, aýratyn agzalary çetleşdirmek), birža söwdasynyň agzalarynyň arasyndaky baglaşylan geleşikleriň netijesinde emele gelýän bergiler boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmak ýaly wezipeler durýar.

| Birža gatnaşyjylar | Geleşikler | Gatnaşmagyň maksady |
|---|---|---|
| Täjirçilik banklary | - müşderiler üçin geleşikler;<br>- öz hasabyna | - tölegleri geçirmek;<br>- peýda almak ýa-da müşderi geleşikler boýunça ýagdaýlary deňlemek. |
| Kärhanalar (import edijiler, eksport edijiler) | - walýutany satyn almak we satmak;<br>- walýuta töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmakda geleşikler;<br>- daşary ýurt walýutasynda karzlary almak. | - daşary ýurt walýutasynda tölegleri geçirmek;<br>- walýuta töwekgelçiliklerinden goranmak;<br>- amatly şertleri gazanmak. |
| Merkezi banklar | - walýutalary satyn almak we satmak;<br>- interwensiýalar. | - tölegler, çekleriň inkassasiýasy, wekselleri hasaba almak we ş.m.;<br>- walýuta bazarlaryny goldamak üçin walýutany satyn almak-satmak, olaryň kadaly işlemegini üpjün etmek. |
| Brokerler | - walýuta kursunyň kesgitlenmeginde, walýuta we göterim geleşiklerinde dellal bolmak | - täjirçilik görnüşinde peýda almak ýa-da geleşikden göterim almak. |
| Walýuta biržalary | - müşderiler üçin geleşikler | |

Pul biržasynda amala aşyrylýan esasy amallar walýutanyň forward, spot we swop satyn alyş we satyş geleşikleridir. Pul biržasynyň agzalary daşary ýurt walýutasyny satyn alyp, satmak boýunça görnüşi we tertibi boýunça köpsanly amallary ýerine ýetirýärler.

Dünýäde maglumat tehnologiýalarynyň ösmegi bilen üýtgäp durýan walýuta kursuna geçmeklik, globalizasiýa bolan ymtylyş we beýleki täsirleriň netijesinde gije-gündiz işleýän «Forex» bütindünýä walýuta bazarynyň döredilmegi milli walýuta biržalarynyň ornunyň peselmegine getirdi. Häzirki zaman elektron biržalary dünýäniň köp ýurtlarynyň daşary ýurt pullary bilen amallary amala aşyrmaklyga isleg bildirýän rezidentleriniň arasynda güýçli we ýokary täsirli «baglaýjy halka» bolup durýar. Onuň esasy artykmaçlyklarynyň arasynda daşary ýurt walýutasy bilen gije-gündiziň dowamynda söwdalary geçirmek mümkinçiligi, söwdanyň agzalaryny bazar maglumaty bilen operatiw üpjün etmek mümkinçligi, geleşikleri tiz wagtyň içinde amala aşyrmak mümkinçiligi, çykdajylary ep-esli tygşytlamak we netijede söwda agzalaryndan alynýan ýygymlary azalmagy we beýlekiler bardyr.

**Aziza ÝUSUPOWA,**
Türkmenistanyň Bankara pul biržasynyň
Söwdany gurnaýyş we marketing
bölüminiň baş hünärmeni

валютных ресурсов, в перераспределении их рыночными методами из одних отраслей экономики в другие и в установлении действительного рыночного курса национальной и иностранной валюты в условиях справедливой и законной торговли.

| Участники биржи | Сделки | Причины участия |
|---|---|---|
| Коммерческие банки | - сделки для клиентов;<br>- за счёт собственных средств. | - проведение платежей;<br>- получение прибыли или сбалансировать позиции по сделкам клиентов. |
| Организации (импортёры, экспортёры) | - покупка и продажа валюты;<br>- сделки по страхованию валютных рисков;<br>- получение кредитов в иностранной валюте. | - проведение платежей в иностранной валюте;<br>- защититься от валютных рисков;<br>- добиться выгодных условий. |
| Центральные банки | - покупка и продажа валюты;<br>- интервенции. | - инкассация платежей, чеков, регистрация векселей и т.п.;<br>- покупать и продавать валюту для поддержания валютных рынков. |
| Брокеры | - посредничить в определении курсов и процентных сделках | - получать прибыль в виде комиссии или проценты от сделки. |
| Валютные биржи | - сделки для клиентов | |

Основными операциями, осуществляемыми на валютных биржах, являются: форвардная, спотовая и своповая покупка и продажа валют.

Члены валютной биржи совершают многочисленные сделки по виду и порядку покупки и продажи иностранной валюты.

Развитие информационных технологий и телекоммуникаций, тенденции глобализации повлияли на значительное снижение роли национальных валютных бирж, которые уверенно вытесняют действующий круглосуточно глобальный валютный рынок «Forex». Современные электронные биржи – это мощное и высокоэффективное «связывающее звено» между огромным числом резидентов из большинства стран мира, желающих осуществлять операции с иностранной валютой. Их наиболее очевидные достоинства ежедневные круглосуточные торги иностранной валютой, оперативное снабжение - участников торгов рыночной информацией, высочайшая скорость осуществления сделок, значительная экономия издержек и, как следствие снижение комиссий, взимаемых с участников торгов и т.п.

**Азиза ЮСУПОВА,**
главный специалист отдела
Организации торговли и маркетинга
Межбанковской денежной биржи Туркменистана

# AUDIT - YKDYSADY SUBÝEKTLERIŇ MALIÝE NETIJELILIGINI BARLAMAGYŇ KÄMIL GURALYDYR

Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli döwlet syýasaty netijesinde milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryna bazar gatnaşyklarynyň ýörelgelerini giňden ornaşdyrmaga we ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna çykarmaga gönükdirilendir.

Audit – bu maliýe hasabatlylygynda bar bolan maglumatlaryň ygtybarlylygynyň we dolulygynyň derejesiniň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelýändigini kesgitlemek hem-de barlagyň maksady bolup durýan soraglar boýunça garaşsyz pikiri beýan etmek maksady bilen, auditor, auditorçylyk guramasy tarapyndan ykdysadyýetiň subýektiniň maliýe – hojalyk işine geçirilýän barlag bolup durýar.

Ýurdumyzda bu ugurda iş alyp barýan fiziki we ýuridik taraplar, «Auditorçylyk işi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň kadalaryndan ugur alyp öz işlerini ýöredýärler. Ýagny, auditor düşünjesi – bu auditoryň hakyky hünär derejeli şahadatnamasy hem-de auditorçylyk işini amala aşyrmak üçin ygtyýarnamasy bolup, ol ýurdumyzyň auditorlarynyň döwlet sanawynda bellige alnan fiziki şahslar bolup durýar.

Auditorçylyk guramasy auditorçylyk işini ýerine ýetirmäge ygtyýarnamasy bolan, ýurdumyzyň auditorçylyk guramalarynyň döwlet sanawynda bellige alnan ýuridik şahslardyr. Auditorçylyk işi bolsa – bu auditor barlagyny amala aşyrmak we auditorçylyk işiniň ugry boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmek bolup durýar.

Audit barlagynyň geçirilmeginiň esasy maksady, ýagny ykdysady subýektleriň maliýe hasabat-

# Аудит – действенный инструмент в проверке финансовой результативности экономических субъектов

Дальновидная государственная политика нашего Героя-Аркадага ориентирована на внедрение принципов рыночных отношений во всех отраслях национальной экономики и выдвижение промышленности нашей страны в ряды развитых стран мира.

Аудит – это подтверждение достоверных и точных информаций в финансовой отчетности в соответствии с законодательством Туркменистана, а также осуществление независимой проверки финансово-хозяйственной деятельности субъекта, со стороны аудитора, аудиторской организации.

Юридические и физические стороны, ведущие свою деятельность в нашей стране в этом направлении, осуществляют свою работу, руководствуясь принципами Закона Туркменистана «Об аудиторской деятельности». Аудитор – физическое лицо, имеющее действительный квалификационный аттестат аудитора, а также лицензию на осуществление аудиторской деятельности, зарегистрированный в государственном реестре аудиторов Туркменистана.

Аудиторская организация – юридическое лицо, имеющее лицензию на осуществление аудиторской деятельности, зарегистрированный в государственном реестре аудиторских организации Туркменистана. Аудиторской деятельностью является предоставление аудиторских услуг и осуществление аудиторских проверок.

Основной целью осуществления аудиторской проверки является проверка достоверности информации финансовой отчётности субъектов экономики, а также ведение

lylygynyň maglumatlarynyň ygtybarlylygynyň hem-de buhgalterçilik hasaba alnyşynda maliýe hojalyk amallarynyň ýöredilşiniň ýurdumyzda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda alnyp barylýandygynyň tertibini we düzgünini barlamakdan ybarat bolup durýar.

Audit geçirilýän subýektler, ýagny ýurdumyzyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik we telekeçilik işi bilen meşgullanýan şahslar hem-de daşary ýurt ýuridik şahslaryň ýurdumyzda bellige alnan şahamçalaryndan we wekilhanalaryndan ybaratdyr. Auditorçylyk barlagynyň obýektleri bolup, bu barlanylýan subýektiň ykdysady – guramaçylyk, şeýle hem maliýe hojalyk işleri baradaky maglumatlarynyň hil we mukdar taýdan özara baglanşykly bahalandyrylmagy bolup durýar.

Auditor tarapyndan obýekt barlananda esasy serişdeler, maddy däl aktiwler, harytlar we haryt – maddy gymmatlyklar, pul serişdeleri boýunça maglumatlar öwrenilýär. Hasaplaşyklaryň auditor barlagynyň obýekti hökmünde debitorlar we kreditorlar, işgärler, şahamçalar, býujet we býujetden daşary hasaplar bilen hasaplaşyklaryň geçirlişini seljerýärler. Barlanylýan ykdysady subýektiň işiniň netijeliligi bolsa, onuň işiniň ahyrky netijeleri peýda ýa-da zyýan, gaznalaryň döredilmegi, audit barlagy geçirilýän subýektiň gurluşy we guramaçylyk – hukuk görnüşi, dolandyrmagyň we gözegçiligiň usullary bahalandyrylýar.

Auditorçylyk işiniň ugry boýunça hyzmatlaryň görnüşini özbaşdak auditorlar hem-de auditorçylyk guramalary tarapyndan ýagny, maliýe hasabatlylygyny düzmekligi, maliýe hasabatlylygynyň seljerilmegi we maslahatlaryň berilmegi ýaly hyzmatlary ýerine ýetirip bilýärler.

Özbaşdak auditorlara hem-de auditorçylyk guramalara auditorçylyk hyzmatlary babatda ylmy işleriň geçirilmegine gatnaşmaga hem hukuk berilýär. Auditiň geçirilmegi we auditorçylyk işiniň ugry boýunça hyzmatlaryň edilmegi şertnamalaýyn esasda amala aşyrylýar hem-de auditorçylyk guramasynyň ýa-da özbaşdak auditoryň we audit geçirilýän subýektiň arasynda baglaşylýar.

Auditorçylyk işiniň ugry boýunça hyzmat-

финансово-хозяйственных операции в бухгалтерском учёте согласно действующему в стране законодательству.

Аудируемые субъекты – юридические лица, созданные в соответствии с законодательством Туркменистана и лица занимающийся предпринимательской деятельностью, а также филиалы и представительства иностранных юридических лиц, зарегистрированные в Туркменистане. Объектами аудиторской проверки являются оценка качественных и количественных взаимосвязанных экономическо-организационных, а также финансово-хозяйственных сведений о действиях проверяемого субъекта.

При проверке объекта аудитором изучаются информация об основных средствах, нематериальных активах, товарно материальных ценностях и денежных средствах. В качестве объекта аудиторской проверки платежей выступают дебиторская, кредиторская задолженность,обязательство перед работниками, а также расчеты по бюджетным и вне бюджетным операциям.

Результативность деятельности проверяемого экономического субъекта оценивается последними результатами финансовых показателей, прибыли или убытка, созданиями фондов, структура субъекта проходящего аудит и организационно – юридической формой, руководящими и контрольными методами.

Виды услуг по направлению аудиторской деятельности, такие как составление и анализ финансовой отчётности, предоставление консультации могут быть осуществлены индивидуальными аудиторами и аудиторскими организациями.

Индивидуальным аудиторам, а также аудиторским организациям предоставляется право участвовать в научных исследованиях по аудиторским услугам. Проведение аудита и предоставление услуг по направлению аудиторской деятельности производится на договорной основе. Дого-

laryň her bir görnüşi üçin aýratyn şertnama baglaşylýar. Şertnamanyň şertinde şu şertler bolmalydyr, ýagny şertnamanyň mazmuny we onuň ýerine ýetiriliş möhletleri, hyzmatlaryň töleginiň möçberi we şertleri, taraplaryň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi, maglumatlaryň ýaşyrynlygynyň saklanylmagy we başga düýpli şertler göz öňünde tutulmalydyr. Özbaşdak auditorlar we auditorçylyk guramalary baglaşylan şertnamalaryň hasabyny ýöretmäge borçly bolup durýarlar.

Auditorçylyk işiniň esasy ýörelgeleri bolup, olar garaşsyzlyk, obýektiwlilik, hünär taýdan başarjaňlyk, ýaşyrynlyk we dogruçyllyk degişlidir. Auditorlaryň we auditorçylyk guramalarynyň garaşsyzlygy bolup ol, özbaşdak auditorlar we auditorçylyk guramalary audit geçirilende we auditorçylyk hasabaty hem-de auditorçylyk netijenamasy düzülende döwlet edaralaryndan, audit geçirilýän subýektden garaşsyzdyrlar.

Auditorlaryň hünär derejeli şahadat-namasyny almak üçin dalaşgärleriň ýagny, fiziki şahslaryň hünär synagy bardyr. Auditorçylyk işi bilen meşgullanmak isleýän fiziki şahslaryň degişli bilimleriniň, olaryň auditor hünärine bildirilýän talaplara laýyk gelýändigini barlamak, şeýlede auditorlaryň hünär derejesini tassyklamak we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak, audit geçirilýän subýektleriň, ýuridik şahslaryň hem-de fiziki şahslaryň, döwletiň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegini hasaba almak bilen ykdysadyýetiň subýektleriniň maliýe-hojalyk işine audit barlagynyň geçirilmeginiň hilini üpjün etmek maksady bilen, auditorlaryň hünär derejeli şahadatnamasyny almaga dalaşgär bolup durýan fiziki şahslaryň hünär synagynyň geçirilmegi hökmany bolup durýar.

Hünär synagy iki tapgyrda bolup, ýagny binýatlyk we hünär boýunça ýöriteleşdirilen synag tapgyrlaryndan ybaratdyr. Binýatlyk hünär synagy fiziki şahsyň-dalaşgäriň auditorçylyk işini amala aşyrmaga hünär taýdan ukyplylygyny anyklamak üçin geçirilýär we onuň netijesi boýunça oňa auditoryň hünär derejeli şahadatnamasy berilýär. Öz aýratynlygy we kadalaşdyryjy hukuk düzgünleşdirilmesi bolan maliýe işiniň

вор заключается между аудиторской организацией или индивидуальным аудитором и субъектом проходящим аудит.

По каждому виду услуг аудиторской деятельности заключается отдельный договор. В условиях договора должны быть соблюдены следующие условия: содержание договора и сроки его выполнения, размер и условия оплаты услуг, права, обязанности и ответственности сторон, соблюдение конфиденциальности сведений и другие существенные условия. Индивидуальные аудиторы, а также аудиторские организации обязаны вести учёт заключённых договоров.

Основными принципами аудиторской деятельности являются независимость, объективность, профессиональная компетентность, конфиденциальность и порядочность. Индивидуальные аудиторы и аудиторские организации являются независимы от государственных предприятий и субъекта проходящего аудит при составлении и заключении аудиторского отчета.

Для получения квалифицированного аттестата аудитора физическое лицо должен пройти аттестацию по квалификации.

С целью осуществления аудита финансово – хозяйственной деятельности субъектов экономики физические лица, желающие заниматься аудиторской деятельностью обязаны пройти проверку на соответствие требованиям квалификации аудитора.

Аттестация проводиться в два этапа базовая-основная и по специализации. Базовая аттестация проводится на предмет профессиональной пригодности физического лица – претендента к осуществлению аудиторской деятельности, по результатам ему выдается квалификационный аттестат аудитора.

Для осуществление аудита в тех или иных финансовых сферах деятельности, имеющий свою специфику и нормативное правовое регулирование, аттестация по специализации, по результатам который ему выдается дополнительный квалификационный аттестат аудитора.

çygyrlarynda auditi amala aşyrmak üçin hünär boýunça ýöriteleşdirilen synagy geçirilýär, onuň netijesinde bolsa, auditorlara auditoryň goşmaça hünär derejeli şahadatnamasy berilýär.

Maliýe-ykdysady ýa-da hukuk boýunça ýokary biliminiň hem-de degişli ugurlary boýunça azyndan bäş ýyl iş döwrüniň bolmagy, dalaşgärleriň hünär synagyna gatnaşmagy üçin hökmany talaplar bolup durýar.

Auditorçylyk syry bolup, auditi geçirmek üçin şertnama ýa-da auditorçylyk işiniň ugry boýunça hyzmatlaryň edilmegi üçin şertnama ýerine ýetirilende auditor ýa-da auditorçylyk guramasy tarapyndan alnan, audit geçirilýän subýektleriň amallary barada maglumatlar we resminamalar degişli bolup durýar. Özbaşdak auditor ýa-da auditorçylyk gurama we onuň işgärleri auditorçylyk syryny saklamaga borçly bolup durýarlar.

Auditorlar tarapyndan barlanylýan obýektler babatynda hakyky we takyk maglumatlary bermek, auditiň baş maksatlarynyň biri bolmak bilen, ol auditorçylyk işiniň esasy ýörelgelerinden ugur almalydyrlar. Bu maksada ýetmek üçin, her bir auditor hünärine jogapkärli çemeleşýän, sanly programa üpjünçiliginden ýerlikli peýdalanmak iş ukyby bolan hem-de auditor barlagynyň maglumatlarynyň esasynda oýlanşykly çözgüt kabul edip bilýän bolmalydyrlar.

Häzirki zaman tehnologiýalarynyň we innowasiýalaryň milli ykdysadyýetimizde has içgin ornaşdyrylýan döwründe kabul edilýän çözgütler ýurdumyzyň uzak möhletleýin ykdysady ösüşiniň we ýokary zähmet öndürijiliginiň gazanylmagyny üpjün edýär.

Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmekde agirt uly işleri amala aşyrýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun. Il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri elmydama rowaç alsyn!

**Hurmagözel GELDIÝEWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň uly mugallymy

**Serdar DÖWLETOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň mugallymy

Обязательными требование для допуска претендентов к аттестации является высшая финансово-экономическое или юридическое образование и наличие трудового стажа работы не менее пяти лет.

Аудиторская тайна – сведение об операциях аудируемых субъектов, полученные аудитором или аудиторской организаций при исполнений договора на проведение аудита или договора на оказание услуг по профилю аудиторской деятельности. Индивидуальный аудитор или аудиторская организация и его работники обязаны хранит аудиторскую тайну.

Каждый аудитор обязан ответственно подходить к своей работе, профессионально использовать цифровое программное обеспечение, а также обдуманно принимать решения, основываясь на сведениях, полученных на основании аудиторской проверки исходя из основных принципов аудиторской деятельности.

Принятые решения во время повсеместного внедрения современных технологий и инноваций опеспечивает Современные технологии и инноваций, внедряемых повсеместно в национальную экономику, принятые решения обеспечат долгосрочный экономический рост и высокую трудовую производительность нашей страны.

Желаем здоровьяи долгих лет жизни уважаемому Президенту создающему широкие возможности для диверсификацию нашей национальной экономики.

**Хурмагозель ГЕЛЬДЫЕВА,**
старший преподаватель Туркменского
государственного института экономики и управления

**Сердар ДОВЛЕТОВ,**
преподаватель Туркменского государственного
института экономики и управления

# KIÇI WE ORTA TELEKEÇILIGI KARZLAŞDYRMAGYŇ MÜMKINÇILIKLERI

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlary bilen bir hatarda bank ulgamy hem yzygiderli kämilleşdirilýär. Bank işiniň yzygiderli ösdürilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyply innowasion ösüşini üpjün etmegi, dünýä ykdysady giňişligine goşulyşmagy, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň derejesine ýetirmegi üçin wajypdyr. Ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek babatynda ähli ykdysady pudaklar bilen bir hatarda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan giň gerimli işler alnyp barylýar. Bank işjeňliginde karz amallarynyň, şeýle hem ykdysadyýetiň hususy bölegine degişli edara görnüşli taraplara we hususy telekeçilere berilýän karzlaryň ähmiýeti uludyr. Munuň özi döwletimiziň syýasaty içerki bazary ýurdumyzyň önüm öndürijileriniň ýokary hilli önümleri bilen doldurylmagy sagdyn bäsdeşligi ösdürmegi, telekeçiligiň maýa goýum babatda işjeňligini ýokarlandyrmagy ýaly maksatlary gazanmaga gönükdirlendigini belläp geçmelidir.

«Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda maýa goýum taslamalaryna 10 ýyl möhlete, dolanşyk serişdelerine 1 ýyl möhlete, ýyllyk 5 göterim bilen ýeňillikli karz serişdeleri berilýär. Bu Karar esasynda welaýatymyzyň çägindäki ähli täjirçilik banklary tarapyndan ýurdumyzda telekeçileriň, hususy kärhanalaryň, daýhan hojalyklaryň, hojalyk jemgyýetleriň hojalyk önümçiligini ösdürmek üçin karz serişdelerini berýärler. Mysal hökmün-

# Возможности кредитования малого и среднего бизнеса

В эпоху могущества и счастья под мудрым руководством уважаемого Президента, банковская система, как и все другие сферы нашей национальной экономики, постоянно совершенствуется. Последовательное развитие банковского дела важно для обеспечения конкурентоспособного развития экономики нашей страны, её интеграции в мировое экономическое пространство, доведения уровня жизни населения до уровня ведущих стран мира. Кредитными организациями нашей страны, а также всеми отраслями экономики проводится масштабная работа по обеспечению устойчивого экономического развития в стране. В банковской деятельности важное значение имеют кредитные операции, а также ссуды юридическим лицам и частным предпринимателям, относящихся к частному сектору экономики. Следует отметить, что политика государства направлена на достижение таких целей, как наполнение внутреннего рынка качественной продукцией производенной в нашей стране, развитие конкуренции, повышение деловой активности с точки зрения инвестиций.

В соответствии с Указом Президента Туркменистана «О государственной поддержке малого и среднего предпринимательства» инвестиционным проектам предоставляются льготные кредиты сроком на 10 лет, для оборотных средств сроком на 1 год под 5% годовых. На основании этого решения все коммерческие банки нашего велаята предоставляют кредиты предприятиям, частным предпринимателям, фермерам, экономическим сообществам страны

de maldarçylygy we guşçylygy ösdürmek, iri şahly mallaryň baş sanyny köpeltmek, şöhlat önümlerini öndürmek, gök we bakja önümlerini ýetişdirmek üçin täze döwrebap tehnologiýaly ýyladyşhana enjamlaryny satyn almak, gurluşyk materiallaryny öndürmek, süýt önümlerini gaýtadan işlemek, konditer önümlerini öndürmek üçin enjamlar toplumyny satyn almak, bal öndürmek, çörek we çörek önümlerini öndürmek ýaly önümçiligiň görnüşlerine berilýän karz serişdelerini görkezmek bolar.

Häzirki wagtda milli önüm öndürijilere berilýän goldawyň netijesinde halkyň isleglerini kanagatlandyrýan ýokary hilli önümleriň we hyzmatlaryň sany yzygiderli artdyrylýar. Bu hem, öz gezeginde, halkymyzyň girdejilerini we durmuş taýdan üpjünçiligi ýokarlandyrmaga, ykdysadyýetiň önümçilik kuwwatyny artdyrmaga, import edilýän harytlary ýerli önümler bilen öwezini çalyşmaga we eksport edilýän harytlarynyň görnüşlerini köpeltmäge öz goşandyny goşýar. Welaýatymyzda hereket edýän karz edaralaryndan ýeňillikli karzlardan peýdalanýan awtomatlaşdyrylan dolandyryşly ýyladyşhana şertlerinde bakja we miweli bag önümlerini ýetişdirýän, bal arylaryny saklap, olardan bal önümlerini alýan telekeçiler sanardan kän.

Ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerini döwlet tarapyndan goldanylmagy, telekeçiligi ösdürmekligiň höweslendirilişi, täze iş ýerleriniň döredilmegi, döwletimizde haryt öndürijileriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşinde olaryň mümkinçilikleriniň doly möçberde



на развитие экономического производства, в таких направлениях, как развитие животноводства и птицеводства увеличения поголовья крупного рогатого скота, производство продуктов из говядины, приобретение нового современного тепличного оборудования для производства овощей и бахчевых культур, производство строительных материалов, переработка молочных продуктов, производство кондитерских изделий, мёда, хлебобулочных изделий.

Потребности людей теперь удовлетворяются за счёт поддержки отечественных производителей. Это, в свою очередь, способствует увеличению доходов и социальной защиты нашего народа, увеличению производственного потенциала экономики, замене импортных товаров местными продуктами и увеличению ассортимента экспортируемых товаров. В нашем велаяте растёт число предпринимателей, которые используют льготные кредиты и в автоматизированных управляемых теплицах выращивают бахчевые и фруктовые сады, разводят медоносных пчёл.

Государственная поддержка субъектов малого и среднего бизнеса в нашей стране, поощрение развития предпринимательства, создание новых рабочих мест, повышение конкурентоспособности товаропроизводителей, использование полного потенциала для экономического и социального развития открывает путь к общему развитию бизнеса туркменских предпринимателей.

Кроме того, в соответствии с Указом Президента Туркменистана «О финансовой поддержке сельхозпроизводителей в нашей стране» созданы благоприятные возможности для реализации масштабных проектов. Согласно указу банки уполномачены выдать льготные кредиты фермерским ассоциациям и фермерам, сельскохозяйственным акционерным обществам, арендодателям, арендаторам, сельскохозяйственным научно-исследовательским институтам, частным предпринимателям, производящим сель-

ulanylmagy üçin amatly maliýe, maýa goýum, maddy-tehniki we beýleki şertleri döretmek göz öňünde tutulandyr. Bu bolsa türkmen telekeçileriniň alyp barýan işleriniň ähli babatlaýyn rowaçlanmagyna giň ýol açýar.

Mundan başgada «Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda ýurdumyzda giň göwrümli taslamalary amala aşyrmaga amatly mümkinçilikleri döredilýär. Daýhan birleşiklerine we hojalyklara, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerine, mülkdarlara, kärendeçilere, oba hojalyk ylmy-barlag institutlaryna, oba hojalyk önümlerini öndüriji hususy telekeçilere we döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplara – dahyllylara ýyllyk 1% bilen ýeňilleşdirilen karz pullaryny bermäge banklara ygtyýar berýär. Bu serişdeler oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny, abzallaryny we enjamlaryny, şeýle hem suw tygşytlaýjy tehnikalaryny, suwaryşda ulanylýan geçirijilerini ulanyş möhletinden ugur alyp 10 ýyla çenli möhlete her ýylda deň paýlarda gaýtarmak şerti bilen berilýär.

Amatly şertlerde ýeňillikli karz serişdeleriniň berilmegi ýurduň ykdysadyýetine hojalygy dolandyrmagyň öňdebaryjy usullarynyň işjeň ornaşdyrylmagyny, netijeliligi ýokarlandyrýan döwrebap tehnologiýalaryň özleşdirilmegini, ýokary hilli azyk we azyk däl önümleriň möçberleriniň ýokarlanmagyny üpjün edýär.

Welaýatymyzda banklar tarapyndan berilýän ýeňillikli karzlar netijesinde goşmaça iş orunlary döredildi. Milli önüm öndürijilere berilýän goldawyň netijesinde halkyň islegini kanagatlandyrýan ýokary hilli önümleriň sany yzygiderli artdyrylýar. Bu bolsa halkymyzyň durmuş taýdan üpjünçiligini ýokarlandyrmaga, ykdysadyýetiň önümçilik kuwwatyny artdyrmaga uly mümkinçilikler döredýär.

Şeýle-de milli ykdysadyýetimiziň ýokary depginli ösüşini üpjün etmekde, maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmakda, häzirki zaman halkara tejribelerini we döwrebap tehnologiýalary işjeň ornaşdyrmakda, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmakda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär.

скохозяйственную продукцию и негосударственным юридическим лицам под 1% годовых. Эти средства представляются для сельхозтехники, инструмента, оборудования, а также водосберегающей техники, водоохлаждаемых труб в зависимости от срока эксплуатации сроком до 10 лет, с условием возврата равными частями ежегодно.

Предоставление льготных кредитов на выгодных условиях обеспечивает активное внедрение передовых методов хозяйствования в экономику страны, внедрение современных технологий повышающих объёмы высококачественных продовольственных и непродовольственных товаров.

В нашем велаяте созданы дополнительные рабочие места в результате выданных льготных кредитов, предоставленных банками. В результате поддержки отечественных производителей количество качественной продукции, отвечающей потребностям людей постоянно увеличивается, что создаёт большие возможности для повышения социальной обеспеченности наших людей и увеличения производственного потенциала экономики.Также ведётся обширная работа по обеспечению стремительного развития нашей национальной экономики, повышению инвестиционной активности, активному внедрению современных международных практик и современных технологий, дальнейшему улучшению условий жизни нашего населения.

Благодаря великим инициативам нашего



Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen ýurdumyzda durnukly ösüşi we ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagyny üpjün etmäge, ýurdumyzyň eksport kuwwatlylygyny yzygiderli artdyrmaga, eksport edilýän önümleriň görnüşlerini diwersifikasiýalaşdyrmaga aýratyn üns berilýär. Bu ugurda ägirt uly mümkinçilikler bar. Bu mümkinçilikleri doly ulanmak ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda durýar.

Mundan başga-da ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan kiçi göwrümli karz ulgamyny ösdürmek hem-de bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, şeýle hem bellenilen tertipde bölünip berlen melleginde şahsy hojalygyny ýöredýän raýatlara goldaw bermek maksady bilen täze kiçi göwrümli karz hyzmaty işe girizildi.

Kiçi göwrümli karzlar melleginde ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek maksady bilen oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin esasy we dolanyşyk serişdelerini edinmek isleýän taraplara nagt däl görnüşde 6 aý ýeňillikli döwür bilen 3 ýyl möhlete, ýyllyk 10 göterim bilen 30 000 manada çenli berilýär. Häzirki wagtda kiçi göwrümli karzlaryň amatlyklaryndan peýdalanýan raýatlarymyzyň sany günsaýyn artýar.

Umuman aýdylanda, türkmen telekeçileriniň häzirki döwürde durmuşa geçirýän wajyp işleri döwletimiziň ykdysady ösüşleri bilen berk baglanyşyklydyr. Çüňki eşretli zamanymyzda ýurdumyzyň telekeçileri ähli ugurlarda ýokary hilli önümleri öndürip, ýurtda haryt bolçulygyny döretmäge mynasyp goşandyny goşýarlar.

Bize şeýle ajaýyp mümkinçilikleri döredip beren hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun. Watanymyzyň gülläp ösmegi, özgermegi, abraýynyň mundan beýläk hem arşa göterilmegi ugrunda alyp barýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin.

**Selbi ARAZMEDOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Daşoguz welaýat şahamçasynyň
Ykdysady seljeriş we jemleýiş bölüminiň başlygy

уважаемого Президента особое внимание уделяется обеспечению устойчивого развития нашей страны и неуклонному повышению уровня жизни нашего населения, неуклонному увеличению экспортного потенциала нашей страны, диверсификация экспортируемой продукции. В этой сфере есть огромные возможности. Полное использование этих возможностей – одна из приоритетных задач.

Кроме того, кредитные организации нашей страны запустили новую услугу микрокредитования для развития системы микрокредитования и расширения спектра банковских услуг, а также для поддержки граждан, имеющих собственные фермерские хозяйства на отведённой территории.

Тем, кто хочет приобрести основной и оборотный капитал для производства сельскохозяйственной продукции для развития сельского хозяйства и животноводства в сфере малых кредитов, безналичные кредиты выдаются в безналичной форме сроком на 3 года с льготным периодом 6 месяцев, с годовой процентной ставкой 10% в размере до 30 тысяч манат. В настоящее время количество наших граждан, пользующихся удобствоми таких кредитов, растёт день ото дня.

В целом важная работа туркменских предпринимателей сегодня тесно связана с экономическим развитием нашего государства. Потому что в нашу благополучную эпоху предприниматели нашей страны вносят достойный вклад в создание товарного изобилия в стране, производя качественную продукцию.

Желаем здоровья и долгих лет жизни уважаему Президенту, прилагающему неустанные усилия во имя процветаниия нашей Родины.

**Селби АРАЗМЕДОВА,**
заведующий отделом Экономического анализа
и свода филиала Центрального банка Туркменистана
в Дашогузском велаяте

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ GELJEGI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly we öňdengörüjilikli ýolbaşçylygynda ýurtda ilatyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen iri möçberli özgertmeler amala aşyrylýar. Durnukly ykdysady ösüş we durmuş abadançylygy üçin wajyp şert hökmünde maliýe durnuklylygyny üpjün etmäge gönükdirilen oýlanyşykly pul-karz syýasatynyň geçirilmegi, ýurdumyzyň deňagramly ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Pul-karz syýasaty geçirilende ykdysady ösüşiň üpjün edilmeginde karzyň orny, şeýle hem maliýe bazarynyň gurallarynyň mundan beýläkki innowasion ösüşiniň wajyplygy nazara alynýar. Bank işini kämilleşdirmegiň we netijeliligini ýokarlandyrmagyň geljegi «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» öz beýanyny tapýar.

Uzak möhletli ykdysady ösüşiň depginini saklamak we döwletiň pul ulgamynyň durnuklylygyny berkitmek maksady bilen, banklar töwekgelçilikleri we maýany dolandyrmak ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň öňdengörüji usullaryny ulanýar, bu bolsa täjirçilik banklarynyň düşewüntliliginiň ýokary görkezijilerini üpjün edýär, şeýle-de ilatyň bank ulgamynyň durnuklylygyna bolan ynamyň derejesini saklaýar. Ýurduň banklary täze dolandyryş çözgütlerini tapýarlar. Bu çözgütler, bir tarapdan, likwidlilik we tölege ukyplylyk de-

# Перспективы денежно - кредитной политики банковской системы Туркменистана

В эпоху могущества и счастья под мудрым и дальновидным руководством уважаемого Президента в стране проводятся масштабные реформы, направленные на улучшение благосостояния населения страны. Одним из приоритетных направлений сбалансированного экономического развития нашей Родины является проведение взвешенной денежно-кредитной политики, нацеленной на обеспечение финансовой стабильности как важного условия для устойчивого экономического роста и социального благополучия.

При проведении денежно-кредитной политики учитывается роль кредита в обеспечении экономического роста, а также важность дальнейшего инновационного развития инструментов финансового рынка. Перспективы усовершенствования и повышения эффективности банковской деятельности находят свое отражение в «Программе Президента Туркменистана по социально-экономическому развитию страны на 2019-2025 годы».

В целях поддержания динамики долгосрочного экономического роста, укрепления стабильности денежной системы государства банки используют «пруденциальные» (дальновидные) методы повышения эффективности системы управления рисками и капиталом, что обеспечивает высокие показатели рентабельности коммерческих банков, а также поддерживает уровень доверия населения в стабильности банковской системы. Банки страны находят новые управленческие решения, которые с од-

rejesini saklaýar, beýleki tarapdan bolsa karz edaralarynyň arassa peýdasynyň möçberini artdyrýar.

Şu günki günde ýurduň bank ulgamy berk hukuk we maddy binýada eýe. Dürli maliýe gurallaryny ulanmak arkaly karz edaralary ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň arasynda pul serişdelerini çeýelik bilen gaýtadan paýlaýar, bu bolsa milli puluň durnuklylygyny üpjün edýär we ykdysady ösüşiň ýokary depginleri üçin gerekli öňünden döreýän şertleriň hemmesini emele getirýär.

Nagt däl tölegleriň mukdaryny köpeltmek arkaly nagt pul dolanyşygynyň azaldylmagy bank işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup çykyş edýär. Bank ulgamynyň işgärleri maliýe hyzmatlarynyň dünýä bazarynyň ýagdaýyny üns bilen öwrenýärler we bank işini döwrebaplaşdyrmak we sanlylaşdyrmak boýunça täze çözgütleri işläp düzýärler. Täjirçilik banklarynyň arasyndaky bäsdeşlik bank hyzmatlarynyň häzirki zaman görnüşlerini döretmek arkaly täze müşderileri has işjeň çekmäge gönükdirilendir.

Eýýäm ýetilen belent sepgitler bilen bilelikde, ýurduň täjirçilik banklary sarp edijileriň gündelik isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilen täzeçillikleri ornaşdyrmak boýunça toplumlaýyn çäreleri dowam edýärler.

Maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ählumumy ýaýramagy sarp edijileriň bank hyzmatlarynyň tizligine we hiline bolan talabynyň ep-esli ýokarlanmagyna getirdi. Bu bolsa, öz gezeginde, maliýe önümlerini mydama täzelemek we kämilleşdirmek zerurlygy bilen aýrylmaz baglydyr. «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlaryny işjeň ulanmaklyk milli täjirçilik banklarynyň müşderilerine esasy bergini we karz boýunça göterimleri tölemäge, öýjükli aragatnaşygyň operatorlarynyň, internetiň, öý telefonynyň we IP telewideniýe hyzmatlaryny öýjükli telefonyň ýa-da kompýuteriň düwmesine bir gezek basmak arkaly tölemäge mümkinçilik

ной стороны поддерживают уровень ликвидности и платёжеспособности, а с другой стороны увеличивают объёмы чистой прибыли кредитных учреждений.

На сегодняшний день банковская система страны имеет прочную правовую и материальную базу. Посредством использования различных финансовых инструментов кредитные учреждения гибко перераспределяют денежные ресурсы между различными секторами экономики, что в свою очередь обеспечивает стабильность национальной валюты и создаёт все необходимые предпосылки для высоких темпов экономического роста.

Одним из основных направлений банковской деятельности выступает сокращение наличного денежного оборота путём увеличения количества безналичных платежей. Работники банковского сектора тщательно изучают конъюктуру мирового рынка финансовых услуг и разрабатывают новые решения по модернизации и цифровизации банковской деятельности. Конкуренция между коммерческими банками направлена на еще более активное привлечение новых клиентов путем создания современных видов банковских услуг.

Не останавливаясь на уже достигнутых высоких рубежах, коммерческими банками страны планируется проведение дальнейших комплексных мер по повсеместному внедрению нововведений, направленных на облегчение повседневных потребностей рядовых потребителей.

Глобальное распространение информационных технологий привело к значительному повышению требовательности рядовых потребителей к скорости и качеству банковских услуг, что в свою очередь неразрывно связано с необходимостью постоянного обновления и усовершенствования финансовых продуктов. Активное использование услуги «Интернет-банка» и «Мобильного-банка»

berýär. Sarp edilýän wagtyň tygşytlanmagy ýurdumyzyň her bir raýatynyň wagtyny has oýlanyşykly ulanylmagyna getirýär.

Ýurdumyzyň banklary tarapyndan hödürlenýän hyzmatlaryň köp sanly görnüşleri we her müşderiniň isleglerine bolan özbaşdak çemeleşme ýurduň işewürlik ýagdaýyny ep-esli gowulandyrýar. Möhletli goýumlary çekmegiň amatly şertleri giň marketing syýasaty bilen bir hatarda, ýurduň banklaryna has köp maýa goýujylary çekýär. Çekilen goýumlar ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşini kepillendirmek maksady bilen, ileri tutulýan önümçilik pudaklaryna gönükdirmek arkaly ýerleşdirmek üçin pugta serişde binýadyny emele getirýär.

Türkmenistanyň banklary ykdysadyýetiň önümçilik pudaklaryny we hususy ulgamy goldamak we höweslendirmek üçin iri möçberli işleri geçirýär. Bu goldaw daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan we daşary ýurtlara ugradylmaga niýetlenen önümleriň we hyzmatlaryň dürli görnüşlerini öndürmek boýunça taslamalary uzak möhletli karzlaşdyrmakda öz beýanyny tapýar. Geljegi uly bolan işewürlik taslamalarynyň maliýeleşdirilmegi türkmen ykdysadyýetiniň ägirt uly mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilmegine ýardam edýär. Ýeňillikli bank karzlarynyň hasabyna soňky ýyllarda ýurtda dünýä ülňülerine gabat gelýän önümleri öndürýän täze zawodlar, fabrikler, maldarçylyk we guşçulyk toplumlary ulanylmaga berildi. Içerki bazary ýurtda öndürilen önümden doldurmaklyk dünýä bazarynda ýokary hilli harytlary üstünlikli ýerlemek bilen bir hatarda daşary ýurt pulundaky gelip gowuşmalary ep-esli artdyrar, şeýle-de dünýä giňişliginde ýurduň ornuny berkider.

Türkmenistanyň syýasy we ykdysady durnuklylygy ykdysady ösüşiň ýokary depgini bilen birlikde, döwletimize köp sanly daşary ýurtly maýa goýujylary çekýär. Ýurtda bar bolan amatly maýa goýum gurşawy işewürligi üstünlikli alyp barmak we uzak möhletli özara bähbitli hyzmatdaş gatnaşyklaryny goldamak üçin ähli şertleri döredýär. Önümçilik pudak-

позволяет клиентам национальных коммерческих банков погашать сумму основной задолженности и процентов по кредиту, оплачивать услуги операторов сотовой связи, интернета, домашнего телефона и IP телевидения всего лишь при помощи одного нажатия на кнопку мобильного телефона или клавиши компьютера. Экономия затрачиваемого времени приводит к еще более рациональному использованию времени каждого гражданина нашей страны.

Широкий спектр услуг, предоставляемых банками нашей Родины, и индивидуальный подход к потребностям каждого клиента значительно улучшает деловой климат страны. Выгодные условия привлечения срочных депозитов, наряду с обширной маркетинговой кампанией привлекают в банки страны всё большее количество вкладчиков. Привлечённые депозиты составляют прочную ресурсную базу для дальнейшего их размещения путём инвестирования и кредитования приоритетных производственных отраслей в целях гарантирования перспективного роста отечественной экономики.

Банки Туркменистана проводят масштабную работу по поддержке и стимулированию производственных отраслей экономики и частного сектора. Данная поддержка отражается в долгосрочном кредитовании проектов по производству различных видов импортозамещающих и ориентированных на экспорт товаров, и услуг. Финансирование перспективных бизнесс проектов способствует реализации огромного потенциала туркменской экономики. За счёт льготных банковских кредитов в стране за последние годы были сданы в эксплуатацию новые заводы, фабрики, животноводческие и птицеводческие комплексы, выпускающие продукцию отвечающую международным критериям и стандартам. Насыщение внутреннего рынка за счёт собственной продукции, наряду с успешной

laryna göni goýumlaryň çekilmegi içerki bazarda goşmaça önümçilik islegini döretmäge mümkinçilik berýär, maliýe akymlaryny milli ykdysadyýetiň täze öňde baryjy pudaklaryna gönükdirmäge ýardam berýär. Mundan başga-da, göni goýumlaryň çekilmeginiň ýurduň daşarky bergisiniň artmagyna getirmeýändigi olaryň esasy artykmaçlygy bolup durýar, bu bolsa, öz gezeginde, döwletiň töleg balansyna oňyn täsir edýär. Şunuň bilen baglylykda, soňky ýyllarda milli karz guramalaryň Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlarynyň, şol sanda Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaýyň we Singapuryň öňde baryjy maliýe institutlary bilen gatnaşyklary işjeňleşdi. Yklymara netijeli durmuşa geçirilen taslamalaryň birnäçesi, şeýle-de amala aşyrylýan we meýilleşdirilýän özara bähbitli taslamalaryň köp sanysy öndürijilikli halkara hyzmatdaşlygyň aýdyň görkezijisi bolup hyzmat edýär.

Bankara hyzmatdaşlygy ulgamynda gatnaşyklary ösdürmek bank işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu ugurdaky öňde baryjy tejribäni öwrenmek maksady bilen, ýurduň banklary tarapyndan abraýly edaralar we guramalar bilen hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça oňyn çäreler görülýär.

Geljekde Türkmenistanyň bank ulgamynda «sanly bankyň» döredilmegi göz öňünde tutulýar, onda banklaryň bölümleriniň ornuny Call merkeziniň, ýagny müşderiler gullugynyň işgärleri tutýar. Bankyň bu görnüşinde uzak aralykdan ýerine ýetirilýän ösen sanly hyzmatlar, ýagny internet-bank, mobil-bank hyzmatlary, şahsy otaglar, saýtlar hem-de özbaşdak we toparlaýyn müşderiler üçin beýleki ýöriteleşdirilen hyzmatlar elýeterli bolar.

Watanymyzyň ykdysadyýeti pajarlap ösýär, dünýä bazarynyň täzeliklerine we meýillerine görä üýtgeýär. Ýurdumyzyň bank ulgamy kabul edilen maksatnamalary we taslamalary durmuşa geçirmek we ösdürmek üçin hereketlendiriji güýç bolup durýar. Milli Liderimiziň bank hyzmatlarynyň sanlylaşdyryl-

реализацией высококачественных товаров на мировом рынке значительно увеличит денежные поступления в иностранной валюте, а также укрепит позиции страны на мировой арене.

Политическая и экономическая стабильность Туркменистана, наряду с высокими темпами экономического роста привлекают в страну огромное количество зарубежных инвесторов. Благоприятный инвестиционный климат, созданный в стране, создаёт все условия для успешного ведения бизнеса и поддержке долгосрочных, взаимовыгодных, партнёрских отношений. Привлечение прямых инвестиций в производственные отрасли позволяет создать дополнительный производственный спрос на внутреннем рынке и способствует направлению финансовых потоков в новые, прогрессивные отрасли национальной экономики. Кроме того, основным преимуществом прямых инвестиций является то, что их привлечение не ведёт к увеличению внешнего долга страны, что в свою очередь положительно сказывается на платёжном балансе государства. В этой связи, в последние годы особенно активизирвались контакты национальных кредитных учреждений с ведущими финансовыми институтами стран Азиатско-Тихоокеанского региона, в том числе Японии, Республики Корея, Китая и Сингапура. Ярким показателем плодотворного международного сотрудничества служит ряд эффективно реализованных проектов трансконтинентального масштаба, а также огромное количество воплощаемых в жизнь и планирующихся взаимовыгодных проектов.

Одним из приоритетнах направлений банковской деятельности является наращивание партнёрских связей в сфере межбанковского сотрудничества. Банками страны проводятся конструктивные меры по укреплению многостороннего сотруд-

magyna we hiliniň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen oňyn başlangyçlary has kämil we toplumlaýyn özgertmelere eltýär. 2020-nji ýylyň «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly şygary türkmen halkynyň agzybirligini we bu ugurda yhlasly işlemegini talap edýär. Ýurduň bank ulgamy tarapyndan alnyp barylýan oýlanyşykly pul-karz syýasaty ilatyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrar, şeýle hem, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň döwrebaplaşdyrylmagyny, diwersifikasiýalaşdyrylmagyny we okgunly ösüşini üpjün eder.

**Aýlar HOJANEPESOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy

**Ogulhan SERDAROWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň 3-nji ýyl talyby

ничества с авторитетными финансовыми организациями и учреждениями с целью изучения передового опыта в этой сфере.

В перспективе развития банковского сектора Туркменистана намечается создание «цифрового банка», в котором отделения банков заменяются сотрудниками клиентской службы - Call-центра. Такой вид банка будет располагать развитыми дистанционными цифровыми сервисами – «Интернет-банк», «Мобильный-банк», личные кабинеты, сайты и другие специализированные сервисы для частных и корпоративных клиентов.

Экономика нашей Родины стремительно развивается и меняется в соответствии с новшествами и тенденциями мирового рынка. Банковская система нашей страны является двигающей силой для реализации и развития принятых программ и проектов. Прогрессивные инициативы Лидера нации, направленные на цифровизацию и инновационный рост качества банковских услуг, ведут к ещё более совершенным комплексным преобразованиям. Взвешенная денежно-кредитная политика, проводимая банковским сектором страны, улучшит социальное положение населения, а также обеспечит модернизацию, диверсификацию и стремительный рост отечественной экономики.

**Айлар ХОДЖАНЕПЕСОВА,**
Преподаватель Туркменского Государственного института экономики и управления

**Огулхан СЕРДАРОВА,**
студентка 3-го курса Туркменского Государственного института экономики и управления

# BANK ULGAMYNDA SANLY YKDYSADYÝETIŇ ÖSÜŞI

«Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» ýurdumyzyň pudaklarynyň tehnologiýa taýdan döwrebap-laşdyrylmagyna goşmaça itergi bermek bilen, täze iş orunlarynyň döredilmegi, iş üpjünçilik ulgamynda sanly hyzmatlaryň ösdürilmegi üçin hem amatly şertleri döredýär. Sanly ykdysadyýete geçmeklik gürrüňsiz, täze mümkinçilikleriň açylmagydyr. Bu gün bütindünýä internet torunyň döredýän mümkinçilikleri iş bilen meşgullygyň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyny hem şertlendirdi. Ýagny, internet ulgamynyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmagyň netijesinde iş ornuny üýtgetmän, bu bütindünýä toruň üsti bilen uzak aralykda, şol bir wagtda ýurduň çäginden daşarda zähmet işjeňligini amala aşyrýanlaryň sany barha artýar. Şeýle-de, ol şu gün hemmämiz üçin elýeter bolan elektron tölegleriň döredýän amatlyklaryndan peýdalanmaga, elektron söwda we internet mahabatlandyrma ulgamynyň hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin täze mümkinçilikleri açýar.

Bank ulgamynda soňky ýyllaryň dowamynda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň kömegi bilen köp sanly täze görnüşli bank önümlerini ilata hödürlemek, nagt däl hasaplaşyklary howpsuz, amatly we bökdençsiz amala aşyrylmagyny ýola goýmak ýaly üstünlikleri barada aýdyp bolar.

Sanly ykdysadyýetiň bank ulgamyna giňden ornaşdyrylmagy banklar tarapyndan amala aşyrylýan amallary tiz wagtda, az harajat bilen ýerine ýetirmäge, daşary ýurtly maýadarlar barada anyk maglumatlary alma-

# Развития цифровой экономики в банковской системе

«Концепция развития цифровой экономики в Туркменистане на 2019-2025 годы» дает дополнительный импульс технологической модернизации отраслей страны, создает благоприятные условия для развития цифровых услуг в сфере занятости и создания новых рабочих мест. Переход к цифровой экономике – это, несомненно, появление новых возможностей. Сегодня возможности, создаваемые глобальной сетью интернета, также привели к появлению новых форм занятости. То есть, в результате широкого использования возможностей Интернета, увеличивается количество тех, кто, не меняя работу, работает через эту глобальную сеть на больших расстояниях, в том числе, за пределами страны. Это также открывает для нас новые возможности пользоваться удобствами электронных платежей, доступными всем нам сегодня, а также услугами электронной коммерции и интернет-рекламы.

В перечне успехов банковской системы за последние годы можно упомянуть о предоставлении населению широких спектров новых банковских продуктов с помощью информационных и коммуникационных технологий, а также, обеспечение безопасного, удобного и бесперебойного осуществления безналичных расчетов.

Внедрение цифровой экономики в банковскую систему, способствует проведению транзакций быстро и с низкой стоимостью, получению точной информации об иностранных инвесторах и ее анализу,

ga, olary seljermäge hem-de degişli çözgütleri kabul etmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlarynyň yzygiderli köpelmegi diwersifikasiýa syýasatyny üstünlikli amala aşyrmaga mümkinçilik döretmek bilen ähli pudaklaryň we sebitleriň kadaly, sazlaşykly ösüşini üpjin edýär.

Menzilara bank hyzmatlary bolan «Internet-bank», «Mobil-bank» hem-de «Elektron söwda» ýaly ulgamlaryň üsti bilen, ykjam aragatnaşyk hyzmatlar üçin tölegi, karzyň esasy bergilerini we oňa hasaplanan göterimleri tölemek, bank kart hasabynyň hereketini görmek ýaly hyzmatlar hödürlenilýär.

Günüň islendik sagadynda banka ýüz tutmazdan «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlary arkaly amala aşyrylýan hyzmatlar banklary ilata has hem ýakynlaşdyrýar.

Häzirki wagtda «Altyn asyr» bank kartynyň eýelerine öz hyzmat edýän banklarynyň internet sahypalaryna girmek arkaly bank kartlaryny özbaşdak «Internet-bank» hyzmatyna birikdirip bilýär. Bu bir tarapdan raýatlaryň gymmatly wagtyny, beýleki bir tarapdan ýol we beýleki harajatlaryny tygşytlamaga ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli we oýlanyşykly döwlet syýasatyna laýyklykda, ýurdumyzda dünýäniň ösen tejribesini hem-de öňegidişliklerini nazara alyp, ýokary tehnologiýalara, düýpli nazaryýet bilimlerine we öňdebaryjy ylymlara esaslanan sanly ykdysadyýeti döretmäge aýratyn ähmiýet berilýär.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga we ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga gönükdirilen özgertmeleri geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Bike AITGELDIÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Daşoguz welaýat şahamçasynyň
Maglumat tilsimatlar bölüminiň baş hünärmeni

а также принятию соответствующих решений. Неуклонный рост инвестиций в экономику Туркменистана обеспечивает стабильное и гармоничное развитие всех секторов и регионов, что способствует успешной реализации политики диверсификации.

С помощью дистанционных услуг «Интернет-банк», «Мобильный банк» и «Электронная торговля», предлагается оплата услуг мобильной связи, основного долга по кредитам и начисленных процентов по ним, а также просмотреть движения по счету банковской карты. Услуги, предоставляемые через системы «Интернет-банк» и «Мобильный банк» без посещения банка в любое время суток, сближают банки с населением.

В настоящее время владельцы банковских карт «Алтын асыр» через веб страницу обслуживающего банка могут самостоятельно подключить услугу «Интернет-банк». Это, с одной стороны, помогает сэкономить драгоценное время граждан, а с другой – дорожные и прочие расходы.

В соответствии с дальновидной и вдумчивой государственной политикой Уважаемого Президента, в стране уделяется особое внимание созданию цифровой экономики, основанной на высоких технологиях, фундаментальных теоретических знаниях и передовых науках, с учетом передового мирового опыта и достижений.

Желаем долгих лет жизни и крепкого здоровья нашему Герою-Аркадагу, осуществляющему успешные преобразования по улучшению благосостояния народа и укреплению экономического потенциала нашей страны!

**Бике АИТГЕЛЬДИЕВА,**
Главный специалист отдела
информационных технологий
филиала Центрального банка Туркменистана
в Дашогузском велаяте

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2020-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 октября 2020 г.**




**2020-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 октября 2020 г.**




**2020-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**
**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 октября 2020 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**
**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1октября 2020 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
## Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Кредиты кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 октября 2020 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.10.2019 | 01.01.2020 | 01.10.2020 | 01.10.2020<br>01.01.2020-e,<br>%-de | 01.10.2020<br>01.10.2019-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 2 | 2 | 2 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **147** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralaryň hyzmat edýän müşderileriniň sany**<br>Количество обслуживаемой клиентуры кредитных учреждений | sany / ед. | **4 798 575** | **5 019 992** | **6 014 753** | *119,8* | *125,3* |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | **8 148,5** | **8 163,5** | **8 166,0** | *100,0* | *100,2* |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **5 311,4** | **5 611,2** | **5 671,2** | *101,1* | *106,8* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan, karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **11 053,58** | **13 473,47** | **11 011,44** | *81,7* | *99,6* |
